# Baýdeniñ gyra çekilmegi we bulut illýuziýasy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Baýdeniñ gyra çekilmegi we bulut illýuziýasy BAÝDENIÑ GYRA ÇEKILMEGI we BULUT ILLÝUZIÝASY



Goñşym Neýl birdenkä «Şo buluda seretsene, asmandan geçip barýan pil ýaly bolup görünýär» diýdi. Goñşymyñ pikirine goşuldym, bulut az-kem pile meñzeýärdi. Birnäçe sekuntlyk sessizlik boldy, soñra özümi Donald Trampyñ Ak Tama barýan buludydygyny aýdyp durka dürsedim. Goñşym syýasata galtaşýan islendik gürrüñe hemişe garşy bolýandygy we gazetlere göz aýlanda diñe at çapyşyklary baradaky habarlar bilen gyzyklanýandygy üçin meniñ aýdýanlarym göwnüne ýaramady. Şonuñ üçin gaharlanjak boldy we nägilelik bildirip: «Bu idiotyñ pile näme dahyly bar?» diýdi. Goñşymyñ gödekligine şobada nägilelik bildirdim we diñe degişýändigimi aýtdym. Goñşumyñ bu sözi

Respublikan partiýanyň simwoly boýunça göz-görtele bilýän zadynyň ýokdugynyň üstüni açypdy. Bu simwolyň geçmişi XIX asyra çenli uzaýar we «Noel baba» ýa-da «Sam akga» simwoly ýaly meşhur syýasy karikaturaçysy Tomas Nasta degişlidir. Has soňra Respublikan partiýanyň simwolyna öwrüldi. Beýleki bir ýandan penşenbe gününiň agşamy geçirilen we täç geýme dabarasyna meňzeýän Kongresde Trampyň prezidentlik ýaryşyna goýan kandidaturasyny resmi taýdan makullady.
Goňşym Neýl bilen aramda bolup geçenler Ak Tamda hökümet kürsüsinde oturan adam bilen gyzyklanmaýan adamlaryň biperwaýlygyny görkezýärdi. Emma azlyk bolan bu adamlar ABŞ-nyň prezident saýlawlaryna dünýäniň iň güýçli ýurtlarynyň ýer ýüzüniň ähli meseleleri boýunça kararlaryna gözegçilik edýändigi üçin metbugatdaky «dünýäniň iň güýçli adamy» kesgitlemesiniň kime berilendigine üns bermegiň gerekdigini duýanoklar. Munuň bilen baglanyşyklylykda dünýädäki dolandyryş gatlaklarynyň köplüginiň ilkinji nobatda Wans bilen birlikse prezident Trampyň ikinji döwür Amerikasynyň hötdesinden nädip gelinjekdigi, ikinjidenem ikisiniň içerki meseleleriň nädip hötdesinden geljekdikleri boýunça dürli bolup biläýjek ähtimallyklara taýýarlanmaga başlandyklary ne-hä bir syr, ne-de geň galdyryjy däl. Bular ýaly çemeleşmelere düşünip bolar, hatda geregem. Düşünip bolmaýan we hatda gülkünç ýeri käbir adamlaryň asmandan geçýän bulutlara, hyýaly güýçlere görä şekilleri bermäge meňzeş illýuziýalara özlerini aldyrmagydyr.
Munuň bir mysaly prezident Jo Baýdeniň prezidentlik ýaryşyndan çekilendigini mälim etmegini nädip birden köpleriň Trampyň ýeňişini gutarnykly saýmagyna getirenligidir. Hawa, bütin jemgyýetçiligi seljerip bilmegiň respublikan kandidata demokrat garşydaşy Baýdenden has köp tarapdar gazandyrandygy dogry. Emma haýsydyr bir demokratik ýurtda kandidatlaryň biriniň beýlekileriň garşysynda ymykly ýeňiş gazanjakdygyny aýtmagyň logiki taýdan ylalaşyp bolmajak zatdygy-da dogry. Her saýlawda sýurpizlere garaşybermeli. Hasam beteri Kamala Harrisiň kandidaturasy Demokratik partiýa tarapyndan tassyklansa ýagdaýlar düýpgöter üýtgäp biler. Bular ýaly anyk çaklamalary orta atmak futbol boýunça dünýä çempionatlarynda ýygyndy toparlaryň üstünde pully jedele girme duzagyna meňzeýär. Taryhsa çaklamalaeyň hakykatda illýuziýadygy orta çykanda köp adamyň başdan geçiren sarsgyny barada gaty kän mysallary berip bileris.

Şunuň bilen baglanyşyklylykda Ysraýylda ekstremistik radikalizm bilen häsiýetlendirilen tarapyň başyndan bäri Trampyň ýeňişiniň üstünde jedele girendigi belli we Binýamin Netanýahunyň Baýdeniň çekilmegi bilen garaşylýanlaryň hasam güýçlenmegi tebigy. Emma bu partiýa we onuň orbitasyndaky hemmeler palestin meselesiniň, palestin halkynyň we ykbalynyň ha ol respublikan bolsun, ha-da demokrat, diňe amerikan prezidentiniň çalyşmagy bilen aradan aýryljagyny pikir edýän bolsa, bu onuň ötegçi bulutlar ýaly geldi-geçer ham-hyýallara özüni aldyrandygyny aňladýar.
Bekir UWEÝDA.

Çarşenbe, 24.07.2024 ý. Publisistika